Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Gyrgyz Respublikasyna iki günlük dostlukly sapary amala aşyrdy.

Mälim bolşy ýaly, ýakyn goňşy döwletler bilen giň gerimli hyzmatdaşlygy ösdürmek Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Ýurdumyz ählumumy abadançylygyň bähbidine netijeli halkara dialogy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklary uzak möhletli strategik hyzmatdaşlygyň täze derejesine çykdy. Halkara we sebit syýasatynyň derwaýys meseleleri boýunça iki ýurduň garaýyşlarynyň ýakynlygy dürli derejede döwletara dialogy işjeňleşdirmek üçin amatly şertleri döredýär. Häzirki wagtda Türkmenistan we Gyrgyz Respublikasy Merkezi Aziýada durnuklylygy hem-de howpsuzlygy pugtalandyrmak, özara düşünişmek, ynanyşmak, hormat goýmak däplerini berkitmek ugrunda çykyş edýärler.

…Gazagystanyň Türküstan şäherinden ugur alan türkmen halkynyň Milli Lideriniň uçary biraz wagtdan soňra, iki dostlukly ýurduň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Yssyk-köl Halkara howa menziline gelip gondy. Haly düşelen ýodajygyň iki tarapynda Hormat garawulynyň esgerleri nyzama düzüldiler. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow hem-de beýleki resmi adamlar garşyladylar.

Türkmen we gyrgyz halklaryny köpasyrlyk taryhyň hem-de ruhy kökleriň umumylygy, diliň, medeni däpleriň meňzeşligi baglanyşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, dostlukly ýurtlaryň arasyndaky döwletara hyzmatdaşlykda ynsanperwer gatnaşyklara möhüm ornuň degişlidigini bellemek gerek. Iki ýurduň medeniýet, sungat, edebiýat we kinematografiýa işgärleriniň gatnaşmagynda dürli dabaralaryň, sport çäreleriniň yzygiderli geçirilmegi asylly däbe öwrüldi. Ylym-bilim ulgamynda uly mümkinçiliklere eýe bolan Türkmenistan we Gyrgyz Respublikasy iki ýurduň halklarynyň baý taryhy-medeni mirasyny dikeltmekde-de tagallalary birleşdirýärler.

…Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň hem-de Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentiniň bilelikdäki awtoulag kerweni Çingiz Aýtmatow adyndaky “Ruh-Ordo” medeniýet merkezine geldi. Bu ýerde belent mertebeli myhmanlar mähirli garşylanyldy we merkez barada giňişleýin maglumat berildi.

Mälim bolşy ýaly, 2002-nji ýylda esaslandyrylan “Ruh-Ordo” medeniýet merkezi açyk asmanyň astyndaky muzeýi ýatladýar. Bu merkez Yssyk-kölüň demirgazyk kenarynda ýerleşýän Çolpon-Ata şäheriniň iň gelim-gidimli ýerleriniň biridir. Häzirki wagtda şäher arassa kenary we ösen syýahatçylyk infrastrukturasy bilen meşhurdyr. “Ruh-Ordo” medeniýet merkezi bu şypahana zolagynyň merjeni hasaplanýar. Ýer ýüzüniň dürli

Все права защищены

künjeklerinden gelýän jahankeşdeleriň zyýarat edýän ýerine öwrülen toplumyň çäginde esasy dünýä dinlerine bagyşlanan 5 sany dini bina gurlupdyr. Bu ýerde gyrgyz halkynyň we dünýä taryhynyň, ylmynyň, edebiýatynyň, sungatynyň meşhur wekilleriniň heýkelleri ýerleşdirilipdir. 2008-nji ýylda "Ruh-Ordo" medeniýet merkezine belli gyrgyz ýazyjysy we jemgyýetçilik işgäri Çingiz Aýtmatowyň ady dakyldy. Bu ýerde ýazyjynyň öý muzeýi hem-de onuň eserleri esasynda döredilen birnäçe heýkeller bar.

Söz ussatlaryny sarpalamak iki halkyň däplerinde möhüm orny eýeleýär. Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzyň günorta künjeginde "Magtymguly Pyragy" medeni-seýilgäh toplumynyň açylmagy beýik söz ussadynyň döredijiligine goýulýan hormatyň aýdyň nyşany boldy. Diňe bir Gündogar edebiýatynyň däl, eýsem, dünýä edebiýatynyň ösmegine-de uly goşant goşan ussat şahyryň sarpasy belentde tutulýar. Söz ussadynyň pikirleri, giň filosofik garaýyşlary häzirki türkmen jemgyýetiniň ruhy binýady bolmak bilen, umumadamzat gymmatlygyna öwrüldi.

Aşgabatdaky "Magtymguly Pyragy" medeni-seýilgäh toplumynda daşary ýurtlaryň meşhur şahsyýetleriniň, ýazyjy-şahyrlarynyň, şol sanda gyrgyz ýazyjysy Çingiz Aýtmatowyň hem heýkeliniň oturdylandygy bellenilmäge mynasypdyr. Munuň özi halklaryň arasyndaky dost-doganlygyň we hoşniýetli goňşuçylygyň aýdyň beýanydyr. Paýtagtymyzdaky bu toplum hem-de Gyrgyzystanyň Çolpon-Ata şäherindäki "Ruh-Ordo" medeniýet merkezi iki halkyň beýik şahsyýetlere goýýan uly sarpasynyň nyşanydyr. Olarda şygryýet agşamlary, döredijilik duşuşyklary, aýdym-sazly çykyşlar yzygiderli guralýar.

"Ruh-Ordo" medeniýet merkezi diňe bir täsin binagärlik ýadygärlikleri bilen däl, eýsem, kölüň kenaryndaky özboluşly gaýyk duralgasy bilen hem meşhurdyr. Bu ýerde dünýäniň dört tarapyny, şeýle-de ýylyň dört paslyny alamatlandyrýan dört sany täsin desga ýerleşýär. Seýilgäh zolagynyň çäginde sergi zallary-da bar. Olaryň gymmatlyklary gadymy çarwa durmuşynyň taryhyny aýdyňlyk bilen görkezýär hem-de gyrgyz halkynyň halk döredijiliginiň meşhur eseri bolan "Manas" eposy barada gürrüň berýär.

Çingiz Aýtmatow adyndaky "Ruh-Ordo" medeniýet merkeziniň gymmatlyklary bilen tanyşlykdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow hemmeler bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugradylar.

Soňra Gahryman Arkadagymyz we Prezident Sadyr Žaparow bilelikde Yssyk-kölüň ajaýyp kenarynda gezelenç etdiler. Tebigatyň gözel görnüşi, kenarýakasynyň ýakymly howa gurşawy ynsanyň ruhuny götermek bilen, täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Munuň

Все права защищены

özi adamlaryň saglygyny berkitmekde, ruhubelentlik duýgusyny oýarmakda tebigatyň ägirt uly ähmiýete eýediginiň aýdyň mysalydyr.

Gezelenjiň dowamynda iki ýurduň arasynda syýahatçylyk pudagynda-da gatnaşyklary ösdürmegiň ägirt uly mümkinçilikleriniň bardygy bellenildi.

Dostlukly saparyň ikinji gününde — 23-nji aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşygy boldy. Bu duşuşyk uzak möhletleýinlik, özara bähbitlilik, dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berer.

Irden Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň bilelikdäki awtoulag kerweni “Ala-Arça” döwlet kabulhanasynyň maslahatlar binasyna bardy. Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde surata düşmek dabarasy tamamlanandan soňra, ikitaraplaýyn duşuşyk geçirildi.

Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy myhmansöýer gyrgyz topragynda ýene-de bir gezek mähirli mübärekledi. Bu künjekdäki täsin şäher Yssyk-kölüň örän arassa suwlary bilen aýratyn sazlaşyk döredýär. Munuň özi gyrgyz halkynyň açyklygynyň, myhmansöýerliginiň we baý däp-dessurlarynyň nyşany bolup durýar.

Gyrgyz Lideri Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýändigini aýratyn nygtap, Gahryman Arkadagymyzyň şu saparynyň halklarymyzyň arasyndaky dostlugy pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm ädim boljakdygyna ynam bildirdi. Şunda Sadyr Žaparow 2024-nji ýylda beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan halkara foruma gatnaşmagynyň çäklerinde geçirilen duşuşygy ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi. Dostlukly döwletiň Baştutany Gyrgyz Respublikasynyň adyndan Gahryman Arkadagymyzy hem-de doganlyk türkmen halkyny Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek giň gerimli baýramçylyklar bilen gutlady.

Pursatdan peýdalanyp, Prezident Sadyr Žaparow hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny we Gyrgyz Respublikasyna sapar bilen gelmek baradaky çakylygyny beýan etdi.

Gahryman Arkadagymyz dostlukly ýurda sapar bilen gelmäge çakylygy hem-de myhmansöýerlik üçin minnetdarlyk bildirip, şu gezekki duşuşyga ýurtlarymyzyň arasyndaky

Все права защищены

okgunly ösýän syýasy dialogyň dowamy hökmünde garaýandygyny belledi. Milli Liderimiz Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy ösdürmäge saldamly goşandy üçin Prezident Sadyr Žaparowa minnetdarlyk bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, oňa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy syýasy-diplomatik ulgamy hyzmatdaşlygyň möhüm ugry hökmünde görkezip, ýokary derejedäki saparlaryň we duşuşyklaryň ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmagyň esasy şerti hökmünde çykyş edýändigini belledi.

Hormatly Arkadagymyz Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2025-nji ýyly "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýip yglan edendigini aýdyp, şu ýyl Türkmenistanyň dünýä bileleşigi bilen, ilkinji nobatda, sebit ýurtlarynyň gatnaşmagynda iri halkara çäreleriň birnäçesini geçirýändigini nygtady. Şunda 12-nji dekabrda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Aşgabatda guraljak halkara forum aýratyn ähmiýete eýe bolar. Şunuň bilen baglylykda, Prezident Sadyr Žaparowyň bu forumyň işine gatnaşmagyna umyt bildirildi.

Biziň ýurtlarymyz halkara we sebit gün tertibiniň möhüm meseleleriniň ençemesi boýunça bitewi ýa-da ýakyn garaýyşlar bilen çykyş edýärler diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygyny, halkara guramalaryň çäklerinde öňe sürýän başlangyçlaryny hemişe goldaýandygy üçin gyrgyz tarapyna minnetdarlyk bildirdi. Pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyz BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2025-nji ýylyň 21-nji martynda kabul edilen "Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy" atly Kararnamany goldandygy we awtordaş bolup çykyş edendigi üçin hem gyrgyz tarapyna minnetdarlygyny beýan etdi. Munuň özi Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna degişli Kararnamalaryň (1995-nji we 2015-nji ýyllaryň Kararnamalaryndan soňra) üçünjisidir. Biz mundan beýläk-de siziň halkara ähmiýetli, dag meselesine degişli teklipleriňizi ilerletmek boýunça tagallalaryňyzy goldarys. Şunuň bilen baglylykda, 24-25-nji aprelde Bişkekde geçiriljek "Durnukly ösüşiň bähbidine ählumumy dag dialogy" atly halkara maslahata ýurdumyzyň degişli wekiliýetiniň gatnaşjakdygyny aýtmak isleýärin diýip, Milli Liderimiz belledi we bu maslahatyň 2027-nji ýylda geçiriljek "Bişkek+25" ikinji ählumumy Bişkek dag sammitine taýýarlyk görmegiň möhüm tapgyryna öwrüljekdigine ynam bildirdi.

Biz Merkezi Aziýada parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerinde bilelikdäki hereketleri utgaşdyrmagyň zerurdygyny nygtaýarys. Şunda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynyň ähmiýetini bellemek gerek diýip,

Все права защищены

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy sözüni dowam etdi. Şunuň bilen baglylykda, 2024-nji ýylyň awgustynda Astanada geçirilen altynjy konsultatiw duşuşykda kabul edilen sebit integrasiýasyny ösdürmegiň “Merkezi Aziýa — 2040” konsepsiýasynyň hem-de 2025 — 2027-nji ýyllarda sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça “Ýol kartasynyň” wajypdygy nygtaldy.

Gahryman Arkadagymyz şu ýylyň awgust aýynyň başynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda we BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň başlyklyk etmeginde deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça halkara maslahatyň geçiriljekdigini aýtdy we Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentini oňa gatnaşmaga çagyrdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy dostlukly döwletiň Baştutanyny Hytaý — Gyrgyzystan — Özbegistan transkontinental demir ýolunyň gurluşygy boýunça giň gerimli taslamanyň durmuşa geçirilip başlanmagy bilen gutlap, üstaşyr ulag geçelgelerini mundan beýläk-de ösdürmek babatda bilelikdäki işiň wajypdygyny belledi hem-de logistika boýunça ýerli merkezi döretmegi teklip etdi. Ulag ulgamy biziň hyzmatdaşlygymyzda wajyp orny eýeleýär. Biz sebitimiziň ulag-logistika ulgamynda ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny görýäris. Şoňa görä-de, Merkezi Aziýa — Ýakyn Gündogar üstaşyr ulag geçelgesiniň mümkinçiliklerinden has netijeli peýdalanmagy zerur hasaplaýarys. Şunuň bilen baglylykda, Pars aýlagyndaky we Hazar deňzindäki portlara çykmak arkaly Gyrgyzystan — Özbegistan — Türkmenistan ugry strategik taýdan möhüm ädim bolup durýar. Biz Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň infrastruktura mümkinçiliklerinden peýdalanmak üçin özara kabul ederlikli şertleri döretmäge taýýardyrys diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy.

Taraplaryň tagallalary bilen ulag, üstaşyr we logistika meseleleri boýunça bilelikdäki türkmen-gyrgyz topary döredildi. Onuň ilkinji mejlisi şu ýylyň 28 — 30-njy aprelinde Bişkek şäherinde geçiriler. Şunuň bilen baglylykda, iki ýurduň işewür toparlarynyň arasynda has netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça teklipler beýan edildi. Munuň özi döwletlerimiziň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösmegine ýardam eder.

Şeýle hem ýurtlarymyzyň ösmegine uly goşant goşan ajaýyp şahsyýetlere bagyşlanan bilelikdäki çäreleri geçirmek teklip edildi. Biz Gyrgyz Respublikasynyň milli toparlaryny Türkmenistanda geçirilýän dürli ýaryşlara hem-de okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna gatnaşmaga uly höwes bilen çagyrýarys. Munuň özi sport gatnaşyklaryny pugtalandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, biziň halklarymyzyň arasyndaky dostlugyň we hyzmatdaşlygyň hem nyşanyna öwrüler diýip, Milli Liderimiz belledi.

Все права защищены

Sözüniň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň, hemişe bolşy ýaly, Gyrgyz Respublikasy bilen özara bähbitli we deňhukukly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin açyk bolmagynda galýandygyny nygtady.

Gyrgyz Lideri Türkmenistanyň ikitaraplaýyn we sebit hyzmatdaşlygyny alyp barmaga jogapkärçilikli çemeleşýändigi üçin ýene-de bir gezek hoşallyk bildirip, Milli Liderimiziň beýan eden başlangyçlarynyň ählisini goldaýandygyny aýtdy.

Duşuşyk tamamlanandan soňra, Gahryman Arkadagymyz we Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti gyrgyz milli ak öýüne baryp gördüler.

Türkmenlerde bolşy ýaly, gyrgyzlarda hem ak öýe aýratyn sarpa goýulýar. Ol diňe bir däp bolan ýaşalýan öý bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ençeme asyrlyk medeniýetiň hem möhüm bölegi hasaplanýar. Ol öý-ojagy, maşgalany, halkyň durmuş ýörelgelerini alamatlandyrýar. Sökülýän, bir ýerden başga bir ýere aňsatlyk bilen göçürilýän ak öý gyşyna ýylylygy, tomsuna bolsa salkyn howany üpjün edýär. Öýüň görnüşi asman giňişliginiň şekilini ýatladýar. Ak öýüň tüýnüginiň Gyrgyz Respublikasynyň Döwlet baýdagynda şekillendirilmegi hem tötänden däldir. Bir söz bilen aýdylanda, ak öý geçmişi we häzirki döwri baglanyşdyryp, taryhyň sahypalaryna aralaşmaga, gadymy çarwadarlaryň baý medeniýetiniň, sungatynyň, däp-dessurlarynyň gözbaşlaryna has oňat düşünmäge mümkinçilik berýär.

Ata-babalarymyzyň däp-dessurlaryna uly sarpa goýulýan Türkmenistanda hem ak öýler ähli baýramçylyklaryň aýratyn bezegi bolup durýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda “Türkmeniň ak öýi” binalary gurlup, olar köpçülikleýin dabaralaryň geçirilýän ýerine öwrüldi.

Türkmen-gyrgyz dostluk gatnaşyklaryny hem-de hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ägirt uly şahsy goşant goşan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza hormat-sarpanyň nyşany hökmünde gymmatly sowgatlar — milli gyrgyz ak öýi hem-de häzirki wagtda aýawly saklanylýan we kämilleşdirilýän senetçilik sungatynyň ösýändigine şaýatlyk edýän sowgatlyk önümler, şeýle-de Han atly bedew sowgat berildi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň bilelikdäki awtoulag kerweni Çolpon-Ata şäheriniň atçylyk toplumyna tarap ugrady.

Atçylyk toplumyna barýan ýoluň ugrunda dostlukly ýurduň sungat ussatlary aýdym-sazly çykyşlary ýerine ýetirdiler. Olarda taryh we medeniýet babatda umumylyklary bolan halklaryň milli däpleri, häzirki döwürde üstünlikli ösdürilýän dost-doganlyk gatnaşyklary

Все права защищены

wasp edildi. Gyrgyz halkynyň gadymy durmuşyny, däp-dessurlaryny beýan edýän görnüşler iki dostlukly halkyň umumy medeniýete eýedigini aýdyň beýanyna öwrüldi.

10 müň adama niýetlenen bu toplum Gyrgyz Respublikasynyň paýtagty Bişkek şäherinden 270 kilometr uzaklykda ýerleşýär we 25 gektar meýdany eýeleýär. Toplum 2014-nji ýylda Çarwadarlaryň birinji bütindünýä oýunlaryndan soňra guruldy. Çarwadarlar siwilizasiýasynyň medeniýetini dikeltmek we aýawly saklamak üçin Gyrgyz Respublikasynyň Hökümetiniň başlangyjy bilen Merkezi Aziýanyň halklarynyň milli sport görnüşleri boýunça bu iri halkara sport ýaryşlarynyň geçirilmegi häzirki wagtda asylly däbe öwrülip, dürli ýurtlaryň halklarynyň arasyndaky medeni gatnaşyklary we özara düşünişmegi pugtalandyrmaga ýardam edýär.

Belent mertebeli myhmana milli gyrgyz at üstündäki oýunlar — Çarwadarlaryň bütindünýä oýunlarynyň maksatnamasyna girizilen “žorgo”, “gök-böri” we “salburun” oýunlary görkezildi.

Türkmen halkynda bolşy ýaly, Gyrgyz Respublikasynda hem at çapyşyklary sportuň iň gyzykly we çekeleşikli görnüşleriniň biri bolmagynda galýar. Ençeme asyr mundan öň bolşy ýaly, häzirki wagtda-da at çapyşyklary ählihalk dabaralarynyň, baýramçylyklaryň bezegi bolup durýar. Gyrgyzlarda Aziýa halklarynyň köpüsiniň arasynda giňden ýaýran “gök-böri” atly gadymy atly sport oýny hem aýratyn meşhurlykdan peýdalanýar. Çarwadarlaryň aw awlamak, sürini ýyrtyjy haýwanlardan, ilkinji nobatda, möjeklerden goramak däplerinden elguşlary we tazylary ulanmak arkaly toparlaýyn aw etmek ýüze çykdy. Bu aw “salburun” diýlip atlandyrylýar. Ýaryşa gatnaşyjylar öz çalasynlygyny, atyň üstünde ýaýdan ok atmak ussatlygyny görkezýärler.

Merkezi Aziýa sebitiniň ähli halklary, şol sanda türkmenler hem müňýyllyklaryň dowamynda edermen ýigitleriň ýoldaşy bolan bedewlere aýratyn sarpa goýýarlar. Behişdi bedewleriň muşdagy we ajaýyp çapyksuwar, atly sportuň wagyzçysy bolup durýan Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen täze taryhy döwürde ahalteke bedewleri okgunly ösýän Türkmenistanyň esasy nyşanyna öwrüldi. Milli Liderimiz öz birnäçe ajaýyp kitaplaryny, şol sanda “Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz”, “Gadamy batly bedew”, “Atda wepa-da bar, sapa-da” atly eserlerini döwürleriň hem-de nesilleriň arabaglanyşygynyň nyşanyna öwrülen ýelden ýyndam bedewlere bagyşlady. Bu kitaplar daşary ýurt dilleriniň ençemesine terjime edilip, giň dünýä jemgyýetçiliginiň gymmatly gollanmasyna öwrüldi hem-de Ýer ýüzünde ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmakda möhüm orny eýeledi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda gadymy atçylyk sungatyny dikeltmek we ösdürmek boýunça

Все права защищены

maksada okgunly işler alnyp barylýar. Zähmetsöýer seýisler beýik ata-babalarymyzyň iň gowy däplerini dowam etdirip, deňsiz-taýsyz tohumyň arassalygygny saklamak we ahalteke bedewleriniň baş sanyny artdyrmak babatda giň gerimli işleri amala aşyrýarlar. Soňky ýyllarda ýurdumyzda döwrebap atçylyk sport toplumlary we merkezleri guruldy. Olarda atçylygy ösdürmek üçin ähli şertler döredildi. Milli at üstündäki oýunlar, atly sportuň dürli görnüşleri, şol sanda konkur okgunly ösüşe eýe boldy. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça konkur ilkinji gezek 2017-nji ýylyň sentýabrynda Aşgabatda üstünlikli geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň ýaryşlarynyň maksatnamasyna girizildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen, 2007-nji ýylda “Galkynyş” milli at üstündäki oýunlar topary döredildi. Häzirki wagtda bu topar diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, onuň çäginden daşarda hem meşhurdyr. Ol dünýäniň dürli künjeklerinde çykyş edip, abraýly halkara sylaglaryň ençemesine, şol sanda şu ýylyň ýanwarynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp boldular. Ganatly bedewlerimiziň Ýer ýüzündäki şan-şöhratyny mundan beýläk-de artdyrmak maksady bilen, ýurdumyzda her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramy bellenilýär. Bu baýramçylyga gabatlanyp dürli halkara bäsleşikler, şol sanda ahalteke bedewleriniň gözellik bäsleşigi guralýar.

Gahryman Arkadagymyz atçylygyň gadymy däpleriniň umumylygyny belläp, gyrgyz atşynaslaryny golaýlaşyp gelýän Türkmen bedewiniň milli baýramynyň bellenilýän günlerinde Arkadag şäherine gelmäge çagyrdy. Bu ýerde Halkara atçylyk akademiýasy, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki, atçylyk toplumy guruldy. Olar sebitdäki bu ilkinji “akylly” şäheriň binagärlik toplumynyň özboluşly bezegine öwrüldi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz we dostlukly ýurduň Baştutany atçylyk toplumynyň ähli işgärlerine minnetdarlyk bildirip, bu ýerden ugradylar.

Gyrgyz Respublikasyna dostlukly saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Sadyr Žaparow bilen bilelikde Yssyk-köl Halkara howa menziline bardy we şol ýerden uçarda Özbegistanyň Samarkant şäherine ugrady.

Все права защищены